# RG Eýranda häkimiýetiñ sferasyny üýtgedip bilermi?

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
RG Eýranda häkimiýetiñ sferasyny üýtgedip bilermi? REWOLÝUSION GWARDIÝA EÝRANDA HÄKIMIÝETIÑ SFERASYNY ÜÝTGEDIP BILERMI?



Eýranyñ prezidenti Ibrahim Reisiniñ ölümi Dini lider Ali Hamaneýe ýakyn karar kabul ediji toparyñ içinde «Maşat topary» diýilýän tarapyñ täsirini gutulgysyz ýagdaýda azaldar.
Reisiden soñ iñ güýçli şahs bolan gaýynatasy Alam el-Hudanyñ möhüm rol oýnap-oýnamajagy entek belli däl.
Täsirli we güýçli «maşatlylaryñ» iñ esasy adamy Horasan Razawi welaýatynda Hamaneýe wekilçilik edýän we on iki ymamyñ sekizinjisi Ymam Ryzanyñ mawzoleýiniñ goragçysy bolan gaýynatasynyñ bu toparyñ hemmesini ýa-da bir bölegini goldap-goldamajagyny garaşyp görmeli bolarys.
Hasam beteri şular ýaly düýpli sorag bar: Eýranyñ Rewolýusion

Gwardiýasy (RG) häkimiýet oýnuny oýnap, şaýy ulamalaryň çinini doly aýryp bilermikä?
RG-nyň harbylary köne donlaryny süýräp ýören öňki döwrüň adamlaryna garanda döwür bilen aýakdaş gitmäge ukyply.
Şu babatda şaýy ulamalary Osmanly döwletiniň halyflary ýaly döwletiň seremonial ýüzüne öwrülip bilermi?
Şu soragyň jogabyny bilýändirin öýdýän herkes edil häzir hiç zadyň üýtgemejegini aýdýanlar bilen birmeňzeş ertekiniň içinde ýaşaýarlar.
Eýranyň döwlet telewideniýesi Reisiniň we onuň ýanyndakylaryň «şehitlik mertebesine ýetendigini» mälim etdi.



*Wertolýot heläkçiliginde aradan çykan döwlet ýolbaşçylary*
Reisiniñ ölümi bilen birlikde onuñ ýerine geçjek kandidatlaryñ sanawy örän uzyn we elli gün ýaly çäkli möhletiñ içinde öñ synagdan geçen şahslaryñ kandidat bolma mümkinçiligi has ýokary.
Emma hiç kimiñ Reisi ýaly geçmişi ýok, «Tähran gassaby» lakamy her öñýetene nesip etjek lakam däl.
Reisi bu lakamy segseninji ýyllarda Tähranyñ baş prokurory bolup işlän döwründe 33 müñ adamy ölüm jezasyna höküm edip alypdy.
Reisi geljegiñ potensial lideri hasaplanýardy, şonuñ üçin öñümizdäki prezident saýlawlary oruntutar meselesi bilen koordinirlenmeli. Emma eýýämden munuñ üçin iñ taýynlykly adam Muhammet Bakir Galibaf bar.
Ali Larijani ýalylaram Dini lideriñ olara üýtgeşme getirmek üçin amatly pursat döretjegine umyt edip bilerler.
Başgalar Perwiz Fettah we Hüseýin Dehkan ýaly käbir hökümet tarapdarlaryny saýlasalar-da, bular elli günüñ dowamynda özlerini tassyklatma babatda kynçylyklara uçrap bilerler.
Konstitusiýanyñ 131-nji maddasyna laýyklykda, prezidentiñ aradan çykan ýagdaýynda prezidentiñ wezipe ygtyýarlygy we jogapkärçiligi Eýran Respublikasynyñ Dini lideriniñ tassyklamagy biken prezidentiñ birinji orunbasaryna geçýär.
Şeýle-de, Mejlisiniñ başlygyndan, Suduñ başlygyndan, prezidentiñ birinji orunbasaryndan ybarat geñeşiñ elli günüñ dowamynda täze prezidentiñ saýlanmagy üçin gerekli üýtgeşmeleri girizmegi gerek.
Prezidentlik üçin teklip edilen şahslaryñ arasynda Mejlisiñ başlygy Muhammet Bakir Galibaf iñ taýynlykly kandidat.



*Muhammet Bakir Galibaf*

Tassyklanmaga ýa-da elli gün ýaly az wagtyň içinde özüni tanatmagyň hajaty ýok. Reisi bilen deňeşdirende Galibaf has ýerine ýetiriji işgär we hökümetiň nukdaýnazaryna görä häzirki meseleleriň bir bölegini çözüp biler.

Galibaf özüni Mejlisiň başlyklygyndan daşlaşdyrma tagallalarynyň garşysynd Mejlisde bökdençlik döretme ýoly bilen manýowr edip biler.

Şunuň bilen baglanyşyklylykda Galibafyň gözegçiligi ýola goýmagy üçin gurala öwrülmegi ähtimal. Giňden ýaýran korrupsiýa esasy problemadygyna garamazdan hökümet gurluşynyň içinde özi üçin problemalara getirmedi.

Galibafdan soň Ali Larijani bar. Yslam Respublikasynyň Dini lideri eger esasy atmosferany üýtgetmek isleýän bolsa, geçmişiň tersine Mejlisiň öňki başlygy Ali Larijaniniň prezidentlige mynasyp taraplarynyň bardygyny görkezýän direktiwa gelip biler.

Emma Larijaniniň kemçilikli tarapy Ruhaniniň toparyndan bolmagy we dogany Sadyk Larijani sebäpli jemgyýetçilik

ulgamynda häkimiýet we geljekdäki liderlik meýilleşnamalaşdyryş işi üçin howatyr çeşmesi bolup galmagyndadyr.
Bu ýagdaý deňlemäni hasam çylşyrymlaşdyrýar we amatlylygynyň tassyklanmagy-da birnäçe baha berilşigi talap edýär.



*Ali Larijani*
Ýene bir şahs Muhammet Jewad Zarif. Ol daşarky konfliktleri çözmek üçin gowy saýlaw bolup biler. Hökümetiň daşarky syýasy konfliktlerini we käbir içerki konfliktlerini çözmek üçin şondan gowy kandidat ýok hem bolup biler.
Larijanä garanda Zarifiň artykmaçlygy uly guramaçylyga eýe däldiginde we Dini lideriň oruntutary meselesine goşulma ähtimallygynyň pesliginde.
Perwiz Fettah barada aýdanda bolsa, mynasyp kandidat hökmünde görkezilmekden uzak we ol dürli döwürde prezidentlige kandidat hökmünde tutulsa-da, edil häzir jemgyýetçilikde açyk-aýdyň ady agzalmaýar.
Fettahyň ady öňem prezident saýlawlarynda teklip edilipdi.

2017-nji ýylyň saýlawlarynda kandidaturasyna çynlakaý seredilipdi, emma Dini lideriň özi hakyndaky kararyna hormat goýýandygyny we saýlawlara gatnaşmajakdygyny mälim edipdi.
Bu berilen beýanatlara Fettah ýaly ýakyn wagtda Dini liderden kandidat bolmazlygy üçin direktiwa alan, şeýle-de bolsa prezident saýlawlaryna kandidaturasyny goýmagy makul bilen Ibrahum Reisä gep kakdyrma hökmünde baha berilipdi. Emma Fettah soňra Reisini ýaňsylamak niýetiniň ýokdugyny aýtdy.
Fettahyň beýleki käbir kandidatlara garanda artykmaçlyklaryndan birem türki dilden gürleýän eýranlylar üçin oňaýly kandidat bolmagy, özem bu saýlawçy gatlagy öňki saýlawlarda möhüm rol oýnapdy we wagtal-wagtal syýasy deňagramlylygy bozupdy.
Sanawda Hüseýin Dehkanyňam ady bar. Ol RG-nyň öňe sürýän adamy, ýöne Hüseýin Dekhan hökümetiň özüne bildirýän ynamyndan gaçmajakdygyny görkezdi.
«Mustafifan» fondunyň başlyklygyna bellenmegindenem muny açyk-aýdyň bilse bolýar. Şeýle-de Reisiden has köp dürli tarapdar toparynyň gyzyklanmasyny özüne çekip biler.
Galibaf ýaly Dekhanam goşunyň içindäki toparlaryň goldawyny alýar. Emma saýlawlarda kandidaturasyny goýmagy hökümetiň atmosferasynda we garaşýan ugurlarynda uly üýtgeşmeleriň girizilmegini talap edýär.
Dekhan Milli Howpsuzlyk Geňeşiniň sekretarlygy üçin prezident Ruhaniniň gerekleýän adamlarynyň biri bolandygyny, emma bu wezipeden ýüz öwrendigini aýdypdy. Ýöne elli günlük çäkli möhletiň dowamynda onuň bu wezipe üçin birinji alternatiw hasaplanmazlygy ýaly problema bilen garşylaşyp biler.



*Hüseýin Dekhan*
Mahmud Ahmedinejad bolsa çaklanylmaýan alternatiw. Şeýle-de Mahmud Ahmedinejad ýaly şahslaram hökümetiñ konfliktleri çözmek üçin özlerini saýlajagyna umyt edip bilerler.
Emma Ahmedinejad Larijanä garanda tassyklanma babatda has düýpli kynçylyk bilen ýüzbe-ýüz bolsa gerek.
Onuñ hökümet nukdaýnazaryndan ýeke artykmaçlygy Larijani ýalu döwlet edaralaryny gysymyna gysyp biljek hünärmenleşen topara eýe däldigi.
Ýaş alternatiwalaram özlerini tanatmaga synanyşýarlar. Ministrler Kabinetiniñ we fundamental dinçileriñ arasynda Ali Ryza Zakani we Mehrdad Bazarbaş ýaly örän tutanýerli ýaş syýasatçylar prezidentlige kandidaturasyny goýmak bilen gyzyklanýarlar.
Munuñ bilen birlikde hökümetiñ elli günüñ dowamynda prezidentini kesgitleme gyssanmaçlygy göz öñüne tutulanda, haýsydyr bir töwekgelçilige girip bilmezler we kesgitlenen alternatiwalaryny saldarlamak bilen çäklenmeli bolarlar.
Bu ýaş syýasatçylar diñe Muhsin Ryzaýi we Emirhüseýin Gazizade

Haşimi ýaly şahslar bilen birlikde saýlaw atmosferasynyñ ýyladylmagynda rol oýnap bilerler.
Merhum prezidentiñ wezipeden gitme ähtinallygy garaşylmadyk ýagdaý boldy we by Mustafa Purmuhammadi ýaly ulamalaryñam prezidentlik ýaryşyna girme ähtimallygyna ýol arçapdy.
Munuñ bilen birlikde Müjteba Hamaneýiñ öñünden bilip bolmaýan hereketleri prezidentlige kandidaturasyny goýan bäsdeşler üçin uly endişe çeşmesi bolmagyny dowam etdirýär.
Müjteba Hamaneýiñ liderlige ýetme usullaryna amal etme formasynyñam jedeli edilmeli. Ünsi çekiji zat bolsa, Dini lider üçin ähli alternatiwalaryñ bir gyra çekilmegi we ortada diñe oglunyñ galmagy.

Hüda HÜSEÝNI,
Liwanly žurnalist, syýasy analitik.

Perşenbe, 23.05.2024 ý. Publisistika